**Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginiň Ösümlikler boýunça döwlet karantin gullugy tarapyndan, ösümlikleriň karantini boýunça ýerine ýetirilýän we hyzmat edilýän işlerine**

**NYRHNAMA**

(GBüS-syz)

2019-njy ýylyň "01" 11 aýyndan güýje girýär.

| | MUGT HYZMATLARYŇ SANAWY |
|---|---|
| 1. | Karantin barlagyny, laboratoriýa seljermesini we tohumlaryň, ösümlikleriň, ösümlik önümleriniň gizlin ýokuşanlygyny anyklamak usullaryny, şeýle-de ýükleri ýokançsyzlandyrmak tehnologiýalaryny işläp taýýarlamak. |
| 2. | Daşary ýurtdan getirilýän, daşary ýurda äkidilýän we üstaşyr geçýän ýükleriň karantin gözegçiliginden gelen nusgalaryň laboratoriýa seljermesini hem-de ekinleriň we baglaryň barlagyny geçirmek. |
| 3. | Türkmenistanyň çäklerinde bolmadyk hem-de çäkli ýaýran karantin we beýleki howply mör-möjekleriň, ösümlikleriň keselleriniň we haşal otlarynyň biologiýasyny, ekologiýasyny we jyns düzümini öwrenmek. |
| 4. | Ministrlikler, döwlet gulluklary, pudaklaýyn dolandyryş edaralar, kärhanalar we guramalar, şeýle-de raýatlar tarapyndan karantina degişli ýükler, önümler we materiallar öndürende, gaýtadan işlenilende, saklanylanda we satylanda karantin çäreleriň ýerine ýetirilişine döwlet gözegçiligini amala aşyrmak. |
| 5. | Ösümlikleri goramagyň himiki we biologiki serişdelerini ulanmak bilen karantin obýektleriň ojaklaryny ýüze çykarmak, çäklendirmek we ýok etmek boýunça çäreleri amala aşyrmak we ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek. |
| 6. | Poçta ibermelerinde, ýolagçylaryň, gämileriň, uçarlaryň ekipažynyň abzallarynyň, otly brigadalarynyň goşlaryndaky we el goşlaryndaky, şeýle-de ynsanperwerlik kömek ugry boýunça gelýän ýüklerdäki karantina degişli serişdeleriniň barlagyny geçirmek. |
| 7. | Karantin çärelerini ýerine ýetirmegi üpjün etmek üçin edaralardan bellenen, jemgyýetiň ygtyýarly adamlaryny okamak we taýýarlamak. |
| 8. | Eýeçiligiň dürli görnüşlerindäki edaralaryň we hojalyklaryň ýolbaşçylary, hünärmenleri bilen ösümlikleriň karantini boýunça meselelerden leksiýalary okamak, gürrüňdeşlikleri geçirmek. |
| 9. | Karantin obýektleri ýüze çykarmak we oňa garşy göreş çäreleri meselesi boýunça, karantina degişli önümleriň daşary ýurtdan getirmekligiň, daşary ýurda äkitmekligiň we üstaşyr geçirmekligiň we ulanmaklygyň kadalary we şertleri boýunça maslahat bermek. |
| 10. | Ösümlikleriň karantini boýunça bilimleri ýaýratmak, radio we telewideniýe boýunça çykyş etmek, gazetlerde we žurnallarda makalalary çap etmek, plakatlary we beýleki habar-maglumat kitapçalary taýýarlamak. |
| 11. | Ammarlaryň, deňiz, söwda portlarynyň ýerleriniň, serhet stansiýalarynyň, serhet geçelgelerindäki önümleriň düşürilýän-ýüklenýän meýdançalaryň, şeýle-de daşary ýurtdan getirilýän önümleriň saklanýan we gaýtadan işlenýän ýerleriň töweregindäki 3 km zolakdaky ekinleri we baglary barlamak. |
| 12. | Karantin boýunça ylmyň gazananlaryny we öňde baryjy tejribäni öwrenmek we umumylaşdyrmak, karantin obýektler bilen göreşiň netijeli usullaryny we serişdelerini ornaşdyrmak we ýaýratmak. |